**Tema 6. Türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsi**

**1-nji sapak. Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy galkynyş.**

**Meýilnama:**

1. Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy durmuş. Medeniýet, onuň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny. Medeniýet we jemgyýetçilik aňyýeti. Jemgyýetçilik aňyýeti we psihologiýasy. Ahlak we ahlaklylyk.
2. Täzeleniş we we ruhy medeni galkynyş. Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy gymmatlyklary. Täze durmuşy filosofiýasy. Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň ýörelgesi.
3. Jemgyýetiň durmuşynda edebiýatyň we sungatyň orny. Täze ruhy gymmatlyklary döretmek ýoly.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**


1. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçin. Aşgabat, 2007
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň belentliklerine tarap. 10 tomluk. Aşgabat, 2008-2018
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2015
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. Aşgabat,2016
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan. Aşgabat, 2016
6. Paýhas çeşmesi. Aşgabat, 2016
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi. 1-nji, 2-nji neşir. Aşgabat, 2017
8. Arkadagyň ajap eýýamy. Aşgabat, 2017
9. Suwhanow N., Süleýmanow S., Zahirow B., Ataýew M. we beýlekiler.Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy. Aşgabat, 2011

1. **Jemgyýetiň ruhy dünýäsi. Ruhy durmuş. Medeniýet, onuň jemgyýetiň ruhy dünýäsindäki orny. Medeniýet we jemgyýetçilik aňyýeti.**

**Jemgyýetçilik aňyýeti we psihologiýasy. Ahlak we ahlaklylyk.**

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsinde bolup geçýän özgerişleri häsiýetlendirmek maksady bilen biz söhbetdeşligimiziň başynda umuman, „jemgyýetiň ruhy dünýäsi“ diýen düşünjäniň üstünde durup geçeliň. Bu düşünje bilen biz Filosofiýa dersinde tanyşypdyk. Onda her bir jemgyýetiň ýaşaýşynyň we ösüşiniň wajyp tarapy bolup onuň ruhy dünýäsi çykyş edýänligi açylyp görkezilýär. Biz bu ýerde türkmen jemgyýetiniň ruhy dünýäsinde bolup geçýän düýpli özgerişler barada gürrüň etmekligi maksat edinýäris. Hormatly Prezidentimiziň “Döwlet guşy”, “Janly rowaýat”. “Türkmenistan- Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregidir” (jemi 62 kitap 2018) ýaly atalyk kitaplary türkmeniň ruhy gymmatlyklary barada köp sanly gymmatly maglumatlar getirilýär. Şol bir wagtda hem onda ilki bilen milli ruhy gymmatlyklaryň garaşsyz ýurt üçin ähmiýeti açylyp görkezilýär. Biz sapagymyzda milli we umumyadamzat ruhy gymmatlyklarynyň özara täsirini açmaklygy göz öňünde tutýarys.

Şu nukdaýnazardan garalanda jemgyýetiň ruhy dünýäsi örän çylşyrymly ulgam bolup çykyş edýär. Onuň esasy bölekleri bolup adamlaryň gerekliliklerini kanagatlandyrýan ruhy gymmatlyklary öndürmeklige we ulanmaklyga gönükdirilen ruhy iş, şonuň ýaly-da ruhy gymmatlyklaryň özi, adamlaryň arasyndaky ruhy gatnaşyklar, olaryň şahsy ruhy baglanyşyklarynyň ýüze çykmasy, umuman, ruhy önümçilik çykyş edýär.

Jemgyýetiň ruhy dünýäsiniň esasyny ruhy iş düzýär. Ol ruhuň hereketi hökmünde ýüze çykyp, onuň dowamynda adamlaryň pikirleriniň we duýgularynyň tebigatyň we jemgyýetçilik durmuşyň hadysalary barada obrazlary we garaýyşlary döredýändigini bellemeli. Bu işiň netijesi bolup adamlaryň dünýä bolan kesgitli garaýyşlary, ylmy pikirler we taglymatlar, ahlak, dini we estetiki garaýyşlar çykyş edýärler. Olar ahlak ýörelgelere we özüňi alyp baryş kadalara, halk döredijiligine we professional sungata öwrülýärler. Bularyň ählisi adamlaryň garaýyşlary, ylmy pikirleri, çaklamalary we taglymatlary, çeper eserleri, ahlak we dini aň, adamlaryň ruhy baglanyşyklary we onuň esasynda döreýän ruhy-psihologiki klimat hökmünde çykyş edýän özlerine kybapdaş ruhy gymmatlyklar görnüşine we manysyna eýe bolýarlar. Jemgyýetiň özgerýän we galkynýan döwründe ruhy işiň işewürligi aýratyn ähmiýete eýe bolýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen jemgyýetinde ruhy işiň işewürleşmekligini gazanmaklykda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurduň döredijilik intelligensiýasynyň wekilleri bilen duşuşyklary aýratyn ähmiýete eýe boldy. Şol duşuşyklaryň birinjisi 2008-nji ýylyň 19-njy ýanwarynda bolupdy. Ýurt Ýolbaşçysy medeniýet ulgamynyň, metbugatyň we radionyň ýolbaşçylary bilen maslahat geçirip, ösüşiň täze tapgyryna geçmek üçin häzirki döwrüň reallyklaryna we talaplaryna esaslanýan, düýbünden täze aňyýetiň gerekligini belledi. Aňyýet

jemgyýetçilik aňyň bir tarapy bolup, bu aňyň ylmy derejä galmaklygynyň bir ýoly bolýar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüniň aňyýeti, jemgyýetde aňyýet, adamyň hereketini paýhaslandyryjy we gözükdiriji ulgam, syýasy herekete iteriji we adamlary birikdiriji güýç wezipeleri ýerine ýetirýär. Syýasy aňyýet, birinjiden, isleg bildirýän jemgyýetiň nusgasynyň beýan edilişi we ikinjiden, ösüşe we ony amal ediliş usulyna bolan garaýyş bilen tapawutlandyrylýar. Eger şu nikdaýnazardan aňyýetiň biziň häzirki türkmen jemgyýetimizdäki wezipesini kesgitlemeklige çalyşsak, onda onuň şu jemgyýetiň gymmatlyklar ulgamy bolup, onuň ýurdumyzy mundan beýläk hem galkyndyrmaga we döwrebaplaşdyrmaga gözükdiriji paýhas bolup çykyş edýändigini bellemeli. Bu ulgam bagtyýarlyk döwrimizde, bir tarapdan, adamlara milli gymmatlyklardan ugur alyp, özlerinde milli taýdan öz ähmiýetine düşünmek duýgusyny taplamaklyga kömek bermeli bolsa, ikinji tarapdan, olaryň täze gymmatlyklary özleşdirip erkinlik we ynamlylyk duýgusyna we döredijilik aňyna hem-de ukybyna eýe bolmaklary üçin gerek. Garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetçilik aň-düşünjesiniň täze hilini kemala getirmegiň ýolunda wajyp menzil geçildi. Şu ugurda edilen işleriň iň möhümi şol ýyllarda dikeldilen we häzirki döwürde ösdürlýän milletimiziň milli gymmatlyklary, däp-dessurlary bolýar. Biziň ata-babalarymyz öz geljekki nesillerine baý medeni mirasy goýup gidenler. Olar hormatly Prezidentimiziň “Türkmenistan-Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” atly kitabynda rowaýatlaryň, taryhy maglumatlaryň, ertekileriň, tymsallaryň üsti bilen giňişleýin maglumat berilýär.

## 2. Täzeleniş we we ruhy medeni galkynyş. Bagtyýarlyk döwrüniň ruhy gymmatlyklary. Täze durmuşy filosofiýasy. «Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwri» ýörelgesi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň jemgyýetçilik-syýasy, sosial-ykdysady we medeni ugurlarda başyny başlan we yzygiderli alyp barýan ägirt uly işleriniň netijesinde Garaşsyz hem baky Bitarap Türkmenistan watanymyz gün-günden ösýär, özgerýär. Hakykatda Hormatly Prezidentimiziň başlan uly özgertmeleri türkmen jemgyýetinde Beýik Galkynyşy döretdi. Türkmen jemgyýeti öz ösüşiniň täze basgançagyna çykdy. Bu ýagdaý öz gezeginde jemgyýetiň we döwletiň konstitusion esaslaryny kämilleşdirmek wezipesini öňe sürýär.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistany dünýäniň ösen we demokratik döwletleriniň hataryna goşmak ugrunda dyngysyz alada edýär. Şu nukdaýnazardan Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynda hem düýpli özgertmeleriň bolup geçýändigi tebigydyr. Türkmenistanyň Prezidenti döwletimiziň dünýä üçin açyk ýurtdugyny yglan etdi. Türkmenistanyň daşary syýasatynyň özeni onuň Bitaraplyk derejesine daýanýar. Hormatly Prezidentimiziň Bitaraplyk derejesini goňşy we beýleki ýurtlar bilen hiç bir jähtden arany çäklendirmek üçin däl-de, has-da ýakynlaşdyrmak, dünýäniň hemme ýurtlary bilen özara peýdaly, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmek

maksadyna gönükdirýär. Jemgyýetiň we döwletiň ösüşiniň dünýä tejribesiniň iň gowy taraplaryny özünde jemleýän täze Konstitusiýanyň demokratik usulda kabul edilmegi Türkmenistanyň daşary dünýä bilen gatnaşyklaryna hem oňaýly täsir eder.

Hormatly Prezidentimiziň ilkinji nobatda ýakyn goňşy döwletler bilen, şeýle hem GDA ýurtlary bilen däp bolup gelýän gatnaşyklary täzeden dikeltdi we olary ýokary derejä göterdi. Ol GDA guramasyna girýän döwletleriň ýolbaşçylarynyň maslahatlaryna yzygiderli gatnaşýar. Öňki Soýuzyň düzüminde bolan döwletleriň köpüsi bilen özara peýdaly ykdysady hem medeni gatnaşyklar barha giň gerim alýar. Bu ýurtlar bilen gatnaşyklaryň saklanmagy we täze şertlerde ösdürilmegi diňe bir ykdysady taýdan däl, eýsem köp milletli respublikalaryň ilatynyň öňden dowam edýän dost-doganlyk hem-de garyndaşlyk gatnaşyklary üçin hem örän peýdalydyr. Prezidentlige saýlanandan soň Hormatly Prezidentimiz eýýäm dünýäniň onlarça döwletlerinde resmi saparlarda boldy. Şol saparlaryň dowamynda örän möhüm döwletara we pudagara şertnamalaryna gol çekildi. Bu dokumentler köpugurly gatnaşyklaryň ösmegi we berkemegi üçin berk halkara hukuk binýadyny emele getirýär. Netijede, Garaşsyz Türkmenistan dünýä döwletleri bilen öz gatnaşyklaryny barha giňeldýär we berkidýär. Türkmenistanda öndürilýän uglewodorod serişdeleri, dokma, himiýa, oba hojalyk we beýleki önümler dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýar. Şeýle hem Türkmenistan özi üçin gerek önümleri, ilkinji nobatda, senagat we oba hojalyk infrastrukturasyny ösdürmek üçin zerur bolan täze tehnologik enjamlary, maşynlary, dürli gurallaryň iň täze nusgalaryny ýurdumyza getirýär we ornaşdyrýar. Dünýäniň abraýly kompaniýalary Türkmenistan bilen hyzmatdaşlyk etmäge barha köp isleg bildirýärler. Ýurdumyza gelýän delegasiýalaryň, işewür adamlaryň sanynyň barha artýanlygy muňa şaýatlyk edýär.

Umuman, Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň parasatly baştutanlygynda häzirki zaman dünýä bileleşiginde, döwletara gatnaşyklarynda, halkara we sebitara guramalarynda özüniň mynasyp ornuny tapdy. Hormatly Prezidentimiziň Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Başlygynyň Orunbasarlygyna saýlanmagy, bu abraýly guramanyň mejlisine ýolbaşçylyk etmegi biziň ýurdumyzyň halkara abraýynyň belentdiginiň aýdyň alamatydyr. Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherinde BMG-niň Merkezi Aziýa boýunça sebitara öňüni alyş diplomatiýa merkeziniň açylmagy, bu ýerde Ýewropa öýüniň açylyp, işe başlamagy hem biziň döwletimiziň halkara abraýynyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär. Hormatly Prezidentimiz halkara arenasynda başarjaň döwlet ýolbaşçysy, häzirki zamanyň öňdengörüji syýasatçysy, uly alym hökmünde giňden ykrar edildi hem-de uly hormatdan peýdalanýar.

Her bir adam milletiň we ýurduň geçmişini, şu gününi we geljegini bilmeli, halkyň belentliklere galan döwürlerine guwanmaly, buýsanmaly, pese düşen döwürleri barada oýlanmaly, olara obýektiw baha bermekligi

başarmalydyr. „Watan” düşünjesi „il”, „ýurt”, „jemgyýet”, „ene toprak”, „dogduk mekan”, „halk”, „millet”, „döwlet” düşünjeleri bilen arabaglanyşyklydyr. Watan gymmatlygy azyndan üç gymmatlygy öz içine alýar ýagny ol döwletiň, ýurduň we milletiň bir bitewiligi görnüşinde göz öňüne getirilýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan amala aşyrylýan ägirt tutumlar, dünýäniň abraýly guramalarynyň onlarçasy, dost-doganlyk döwletleriň ýüzlerçesi bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýuldy. Biziň döwletimiziň esasy aladasy adam hakdaky aladadyr. Hormatly Ýurtbaştutanymyz ählihalk tarapyndan Prezident saýlanany bäri gaty köp wagt geçmedik hem bolsa içeri we daşary syýasatda progressiw özgertmeleriň, reformalaryň başyny başlamak bilen, olary üstünlikli alyp barýar. Yzygiderlilik hem batyrgaýlyk bilen ýurdy özgerdýär. Ol Prezidentlige saýlanan wagtynda yglan eden „Meniň iň esasy we iň ygtybarly daýanjym halkym bolar” diýen sözlerine doly ygrarly bolmak bilen, hemişe halk bilen birlikde hereket edýär. Her güni ajaýyp dabaralara, taryh gatyna altyn sahypa bolup ýazylýan wakalara beslenýän Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe bolçulykdan, ruhubelentlikden, il-ýurt agzybirliginden öçmejek nyşan bolup älem içre nuruny saçýar.

### 3. Jemgyýetiň durmuşynda edebiýatyň we sungatyň orny. Täze ruhy gymmatlyklary döretmek ýoly.

Aşgabatda 2007-nji ýylda geçirilen „Milli folklor we teatr sungaty” atly halkara festiwalyna 14 döwletden wekiller gatnaşdylar. Türkmenler bilen goňşy halklary olaryň taryhy, dost-doganlyk gatnaşyklary köp asyrlardan bäri birleşdirýär. Häzir bu gatnaşyklar barha giň gerim alýar. Dünýä ýurtlary bilen özara bähbitli, deňhukukly hyzmatdaşlyk Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň we medeniýetiniň ösmegine oňaýly täsir edýär.

Garaşsyzlyk döwrüniň ilkinji on-on bäş ýyly türkmen halky üçin taryhy özgerişlikleriň döwri boldy. Özgerişlikler jemgyýetçilik durmuşynyň ähli ugurlarynda bolup geçdi. Bu döwri, umuman alnanda, geçiş döwri diýip atlandyrmak mümkin. Sebäbi bu döwür bir jemgyýetçilik ulgamyndan täze bir jemgyýetçilik ulgamyna, has takygy, sosializm jemgyýeti diýilýän jemgyýetçilik gurluşyndan ykdysadyýeti bazar ykdysadyýetiniň ýörelgelerine laýyk gelýän, syýasy durmuşy demokratik esaslarda gurlan jemgyýete geçilýän döwür boldy. Bu döwür täze özbaşdak döwletiň ykdysady, syýasy, hukuk, ruhy-medeni esaslarynyň düýbüniň tutulýan döwri boldy. Bu döwür Türkmenistan üçin özbaşdak döwlet bolup ýaşamaklygyň özüne mahsus tejribesiniň toplanylan döwri boldy.

Bu toprakda ilat gadym döwürlerden bäri ekerançylyk, maldarçylyk we senetçilik bilen meşgul bolupdyr. Türkmenistan gadymy siwilizasiýanyň ýurdudyr. Bu territoriýada-sebitde adamlar müňlerçe ýyl mundan ozal ýaşap başlapdyrlar. Türkmeniň bu topragynda siwilizasiýalaryň, medeniýetleriň gadymy ýadygärlikleri saklanyp galypdyr, mysal üçin: Nusaý ýadygärlikleri,

Gadymy Merwde Soltan Sanjaryň ýadygärligi, Köneürgençde 62 metrlik beýik minara we başgalar. 1999-njy ýylda gadymy Merwiň, 2006-njy ýylda Köneürgenjiň, 2007-nji ýylda Nusaýyň UNESKO tarapyndan umumyadamzat taryhy gymmatlygy hökmünde Bütindünýä mirasynyň sanawyna hasaba alynmagy guwandyryjy wakadyr. Türkmenistanyň köp bölegi gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň çatrygynda ýerleşipdir.

Her halkyň ýaşaýyş durmuşyny, ruhy ahwalyny, edim-gylymyny özünde jemleýän naýbaşy eserleri bolýar. Edebiýaty öwreniş ylmynda „eposlar” diýlip atlandyrylýan şeýle eserler milletiň naýbaşy eserleri bolup, ol onuň durmuşyny tutuşlygyna, bütin töweregi bilen şöhlelendirýär. „Oguznama”, „Gorkut ata”, „Görogly” eposlary türkmen halkynyň döreden edebi ýadygärlikleridir, dünýä edebiýatyna goşan goşantlarydyr, milli medeni mirasyň ajaýyp nusgalarydyr. Türkmeni dünýä tanatmakda olaryň bitiren, bitirýän we bitirjek hyzmatlary biçak uludyr. Ykbal türkmeni soňky asyrlarda dünýäniň dürli künjegine dargytdy, ençeme muşakgatlary başyna ýollady, emma onuň bu eserlerini ata-babalarymyz asyrlar boýy agyzdan-agza, nesilden-nesle geçirip, pähim çanaklaryny parasatdan dolduryp gelipdirler.

„Awaza” milli syýahatçylyk zolagy. Milli syýahatçylyk pudagyny netijeli ösdürmäge hormatly Prezidentimiziň „Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny döretmek hakyndaky” Karary esas bolup hyzmat edýär. Bu kompleks häzirki zamanyň ösýän talaplaryndan ugur alýan örän uly hem-de batyrgaý taslamadyr. Hazaryň ajaýyp kenarynda ýakyn wagtlarda dörejek bu ajaýyp zonanyň gelejegi örän uludyr. Onuň amala aşyrylmagy ýurdumyzda ýerli we daşary ýurt syýahatçylygynyň, dynç alyş infrastrukturasynyň düýpli ösmegine ýardam eder. Şol bir wagtyň özünde bu uly çäre ýurdumyza daşary ýurt inwestisiýalaryny çekmegiň özboluşly usuly boldy. Bu ýerde gurulýan ähli binalar ylmyň gazanan üstünliklerine we dünýäniň iň soňky täze tehnologiýalaryna esaslanýar. Munuň özi, syýahatçylyk pudagynda degişli kanunlaryň kämilleşmegine, hyzmatlaryň möçberiniň artmagyna, onuň dürli görnüşleriniň ösmegine, hyzmatlaryň hiliniň ýokarlanmagyna we olaryň nyrhlarynyň elýeterli bolmagyna, bu pudakda işleýän hünärmenleriň bilim derejesiniň ýokarlanmagyna, şeýle-de ýurdumyzyň jemi içerki önüminde syýahatçylyk pudagynyň paýynyň artmagyna getirýär. Hormatly Prezidentimiziň hemmetaraplaýyn edýän tagallalary netijesinde „Awaza” örän çalt depginler bilen gurulýar. Şol bir wagtda ol azat ykdysady zona hökmünde bazar gatnaşyklaryna geçişiň tejribe meýdançasyna öwrüldi. Türkmen tarapynyň bu zona üçin goýberýän 1 mlrd. dollary bilen birlikde, daşary ýurt maýadarlarynyň bu özara peýdaly işe serişde goýmaklary tebigy ýagdaýdyr. Sebäbi bu iş ygtybarly esasda amala aşyrylýar. Şonuň üçin daşary ýurt kompaniýalarynyň biziň ýurdumyzda öz innowasion tehnologiýalaryny ornaşdyrmak, perspektiw ugurlara maýa goýmak islegi barha artýar. Ýakyn ýyllarda Hazaryň türkmen kenarynyň ajaýyp dynç alyş we halkara syýahatçylyk merkezine öwrüljekdigine şek-şübhe ýokdur.

Häzirki döwürde syýahatçylyk pudagy hormatly Prezidentimiziň başlangyjy bilen täze many-mazmuna eýe boldy. Ýagny, täze

myhmanhanalary gurmak boýunça döwlet maýa goýumlary amala aşyryldy. 1993-nji ýylda Türkmenistanyň Bütindünýä syýahatçylyk guramasynyň hataryna girmegi bilen, syýahatçylyk, syýahat etmegiň görnüşleri, ony guramak, syýahatçylyk kärhanasyna bildirilýän islegleriň möçberi artdy.

Jemgyýetde täze gymmatlyklaryň döremegi bilen bir hatarda adaty jemgyýetiň täze döwrebap gelýän däp-dessurlary we gymmatlyklary hem dikeldilip başlandy. Mysal üçin, dindarlara öz uýýan dinleriniň parzlaryny ýerine ýetirmek üçin giň ýoluň açylmagy diniň jemgyýetdäki terbiýeçilik ähmiýetiniň artmagyna, esasan-da bazar ykdysadyýeti üçin wajyp ähmiýeti bolan wyždan päkligi ýaly gymmatlyga ýokary gymmatlyk hökmünde düşünilip başlanmagyna sebäp boldy. Dine uýmak, dindar adamlara hormat goýmak, milli we dini däp-dessurlary ýerine ýetirmek ýaly adaty gymmatlyklar täze döwrüň telekeçilik bilen meşgullanmak, bilime ymtylmak, daşary ýurt dillerini öwrenmek, täze hünärleri ele almaklyga ýykgyn etmek ýaly täze ýörelgelerdir gymmatlyklary bilen utgaşykly dowam edýär. Başgaça aýdylanda, täzeçillik bilen adatlygyň arasynda gapma-garşylyk ýok. Bu bolsa täze türkmen jemgyýetniň özboluşly aýratynlygydyr.

2007-nji ýylyň 14-nji fewralynda geçirilen XIX Halk Maslahatynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow öz sözlän sözünde Garaşsyz Türkmenistanyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny beýan etdi. Bu ýol agzybirlik we parahatçylyk ýoludyr. Onuň parasatly we adalatly ýolbaşçylygy astynda ýurdumyzda **Täze galkynyşlar we Beýik özgertmeler** döwri başlandy. 2007-nji ýylyň 11-nji fewralynda ählihalk saýlawlary geçirilip, onda halkymyz Türkmenistanyň Prezidentligine Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedowy saýlady. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň alyp barýan syýasaty ýurduň asudalygyny we abadançylygyny üpjün etmäge, halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Ol ýurduň ykdysadyýetini ösdürmäge, hususan-da, senagaty, ulag, aragatnaşyk ulgamlaryny ösdürmäge uly üns berýär. Şeýle hem oba hojalygynda uly özgertmeler başlandy. XX Halk Maslahaty oba hojalygynyň gaýragoýulmasyz wezipelerini kesgitledi. Ekerançylygyň ýokary göterilmegi üçin Daşoguz welaýatynda Ruhubelent, Lebap welaýatynda Döwletli, Mary welaýatynda Altyn sähra etraplary döredildi. Şasenem, Aşyk Aýdyň, Diýarbekir, Gülüstan düzlüklerinde täze ekerançylyk ýerleri özleşdirilip başlandy. Esenguly etrabynda köp sanly bilim-medeni ojaklary gurulýar, täze iş ýerleri açyldy.

2016-njy ýylda bolsa ÝUNESKO tarapyndan “Görogly” şa dessany umumyadamzat mirasy hökmünde ykrar edilip, guramanyň maddy däl medeni mirasyň sanawyna goşuldy. Indi bu şa dessan tutuş adamzadyň baýlygy hökmünde goralýar.

2017-nji ýylda aýdymly we tansly küştdepdi milli tans dessurymyz BMG-niň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy bolan ÝUNESKO-nyň Bütindünýä medeni mirasynyň sanawyna giriildi.

## 2-nji sapak. Türkmen döwletiniň ylymly, bilimli, hünärli nesli terbiýeläp ýetişdirmek ugrundaky işleri

### Meýilnama:

1. Jemgyýet we ýaş nesil. Hünärmenleriň, işewürleriň täze neslini ýetişdirmek barada türkmen döwletiniň edýän tagallalary.
2. Täze taryhy döwürde Türkmenistanda ylym-bilim ulgamyndaky düýpli özgerişler.Ýurduň ylmy edaralary. Ylym-bilim-önümçilik. Tehnologiki merkez.
3. Jemgyýet we medeniýet. Milli medeniýet we medeni mirasyň orny.
4. Maglumat jemgyýeti. Türkmenistanyň maglumat howpsuzlygy. Milli kosmos agentligi.

**Peýdalanylan edebiýatlar:**

1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2016
2. Berdimuhamedow Gurbanguly. Döwlet adam üçin. Aşgabat,2007
3. Berdimuhamedow Gurbanguly. Ösüşiň belentliklerine tarap. 10 tomluk. Aşgabat, 2008-2018
4. Berdimuhamedow Gurbanguly. Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2015
5. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan. Aşgabat, 2016
6. Paýhas çeşmesi. Aşgabat, 2016
7. Berdimuhamedow Gurbanguly. Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi.1-nji, 2-nji neşir. Aşgabat. 2017, 2018
8. Arkadagyň ajap eýýamy. Aşgabat, 2017
9. Suwhanow N., Süleýmanow S., Zahirow B., Ataýew M. we beýlekiler. Türkmenistanda täze Galkynyş eýýamy. Aşgabat, 2011

**1. Jemgyýet we ýaş nesil. Ýurduň häzirki täzelenýän, innowasion ösüş döwründe ylymly-bilimli, hünärli ýaşlaryň täze neslini kemala getirmegiň zerurlygy we olara bildirýän talaplar.**

Ýaşlar jemgyýetiň örän möhüm demografik toparlarynyň biridir. Her bir jemgyýet öz ilatynyň diňe bir saklanyp galmagyny däl, eýsem, ruhy dowamatynyň dowam bolup, ömrüniň uzak bolmagyny isleýär. Jemgyýet öz dowamatynyň – ýaş nesliň hemmetaraplaýyn taýýarlykly we jogapkärli, ýaşaýan jemgyýetini ösdürmäge meýilli we ukyply bolmagyny isleýär.

Türkmenistanyň ýaşlar baradaky syýasaty umumydöwlet syýasatynyň möhüm bölegi durýar. Bu syýasaty durmuşa geçirmek üçin yzygiderli we toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Munuň şeýledigi 2015-nji ýylyň 20-nji martynda kabul edilen Türkmenistanyň ýaşlar baradaly döwlet syýasatynyň 2015-2020-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasynda we ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynda aýdyň görünýär. Şeýle hem hormatly Prezidentimiz 2018-nji ýylyň 26-njy ýanwarynda geçirilen Hökümetiň mejlisinde ýurdumyzyň sport ulgamyny düýpli özgertmek, onuň dünýädäki abraýyny belende götermek, şeýle hem ýaşalry sporta giňden çekmek, köpçülikleýin bedenterbiýe-sport we olimpiýa hereketleriniň üsti bilen sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Sport we ýaşlar syýasaty ministrligini döretmek baradaky Permana gol çekdi. Bu resminamalar Berkarar döwletimiziň hem-de jemgyýetimiziň ykdysady, syýasy we medeni durmuşyna ýaşlaryň doly derejede gatnaşmagyny işjeňleşdirýär. Şonuň ýaly-da, ýaşlary hakymyzyň ruhy-ahlak däpleri we sagdyn durmuş ýörelgeleri esasynda terbiýelenmeklerini öňe çykarýar. Şeýle hem bedenterbiýe, sport we sagdyn durmuş ýörelgelerini kemala getirmek babatda ýaşlara döwlet goldawyny bermek, ýagny sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek, ýaş raýatlarda bedenterbiýe we sport bilen işjeň meşgullanmaga yslegi ösdürmek, olaryň durmuşa geçirilmegini üpjün etmek boýunça çäreler toplymy işlenip taýýarlanyldy we üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýaşlaryň gatnaşmaklarynda sportuň köpçülikleýin görnüşleri boýunça ýaryşlar, bäsleşikler geçirilýär. Ýaşlar gurşawynda ekologiýa-syýahatçylyk ulgamyny döretmek we ösdürmek, ýaş raýatlarda daşky gurşawyň düzüm böleklerine ekologiýa aň-düşünjesini, medeniýetini we aýawly garaýşyny döretmek ýaly wezipeler köpçülikleýin häsiýetde çözülýär.

Sagdyn jemgyýeti berkarar etmegiň ilkinji şertleriniň biri-de sporty, bedenterbiýäni, saglygy goraýşy ýaýbaňlandyrmakdyr. Türkmenistanda sporty goldamak we ilatyň saglygyny berkitmek, zyýanly endiklere garşy göreşmek, ösüp gelýän nesli sporty söýmek, halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelenegiň bitewi ulgamyny kemala getirmek hem-de türkmen milli sportuny dünýä derejesinde ýokary götermegiň ygtybarly hukuk, guramaçylyk we maddy-enjamlaýyn esaslaryny döretmek boýunça tutumly işler alnyp barylýar. Şu maksat bilen “Türkmenistanda bedenterbiýäni we sporty goldamagyň hem-de ösdürmegiň 2011-2020-nji ýyllar üçin Milli

maksatnamasy” kabul edildi. Bu maksatnama ýurdumyzyň sport boýunça mümkinçiliklerini mundan beýläk-de pugtalandyrmaga, şeýle hem ýokary taýýarlykly hünärmenleri we türgenleri taýýarlamaga ýardam edýär.

Häzirki wagtada köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini we ýokary gazanylýan sporty ösdürmek hem-de bu ulhamyň häzirki zaman düzümlerini döwrebaplaşdyrmak we giňeltmek meseleleri hormatly Prezidentimiziň hemişe üns merkezinde durýar. Milli Liderimiz sagdyn durmuş ýörelgesine has ygrarly we ony wagyz ediji bolmak bilen bu babatda watandaşlarymyza, ilkinji nobatda, ýaşlara görelde görkezýär. Jemgyýetimizde kämil şahsyýeti terbiýelemekde ata-babalarymyzyň “Sagdyn bedende-sagdyn ruh” pähminden ugur alynýar. Mekdep okuwçylarynyň we talyp ýaşlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagyna uly üns berilýär. Ösüp gelýän ýaş nesli sporty söýmek we halal zähmete hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, çagalar sportuny ösdürmek üçin, mekdeplerde we beýleki bilim-terbiýeçilik edaralarynda uly mümkinçilikler we şertler döredilýär. Ýurdumyzda dürli ýaryşlaryň, şol sanda halkara derejesindäki ýaryşlaryň guralmagy milli ösüşiň möhüm ugurlarynyň biri bolup durýar.Türkmenistanyň sport ulgamynda işjeň halkara hyzmatdaşlygynyň ýola goýulmagy döwletimiziň dünýäniň halkara sport ulgamyna netijeli goşulyşmagyna uly ptergi berýär. Olimpiýa oýunlarynyň, sportuň, medeniýetiň, halkara hyzmatlygynyň üsti bilen dostluk hem-de ylalaşyk gazanylýar. Sport adamlary sagdynlyga çagyrýar, halklaryň we ýurtlaryň arasynda özara dost-doganlyk gatnaşyklarynyň ösmegine badalga berýär.

Ýurdumyzyň türgenleriniň ussatlyk derejesini ýokarlandyrmak, olary hakara ýaryşlara taýýarlamak üçin okuw-türgenleşik işleri we dürli bäsleşikler yzygiderli geçirilýär.

“Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi” ýylynda hormatly Prezidentimiziň Karary bilen “Amul –Hazar 2018” awtoralli, welosiped we ylgaw ýaryşlary geçirdi. Beýik Ýüpek ýolunyň ugry boýunça “Amul –Hazar 2018” awtoralli, welosiped we ylgaw ýaryşlary häzirki wagtda täze görnüşde döredilýän Beýik Ýüpek ýolunyň ähmiýetini, türkmen halkynyň baý taryhy-medeni mirasyny, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge, ata Watanymyzyň halkara gatnaşyklardaky sport abraýyny has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilendir. Geçiriljek ylgaw ýaryşy Lebap welaýatynda ýerleşýän gadymy Amul galasyndan başlanyp, ýurdunmyzyň welaýatlarynyň çäklerindäki ýörite nokatlardan geçip, Hazara çenli dowam eder.

Sport – bu güýç-gaýratyň, gözelligiň, sagdynlygyň hem-de täze belentliklere tarap ruhy okgunlygyň çeşmesidir.

Şonuň üçin her bir jemgyýetiň öz öňünde goýýan wajyp meseleleriniň biri hem ýaşlary durmuşa, jemgyýete girişdirmekdir. Bu mesele çylşyrymly, dowamatly we möhüm ähmiýetlidir. Döwlet ýaşlaryň ähli hukuklaryny we borçlaryny kepillendirýändir. Emma durmuşy kepilligiň barlygy ýaşlaryň hiç hili kynçylyksyz jemgyýete girişip biljekligine güwä geçenok. Ýaşlaryň öňünde uly kynçylyklar ör boýuna galýar. Olaryň häzirki zaman jemgyýetiniň

şertlerine, talaplaryna, ýagdaýlaryna öwrenişmegi, uýgynlaşmagy, girişmegi kynçylyk bilen geçýär. Bu düşnüklidir.

Ýaşlaryň jemgyýete girişmekligine maşgala, mekdep, beýleki okuw jaýlary we terbiýeçilik edaralary, jemgyýetçilik guramalary, ilkinji nobatda, ýaşlar guramalary bilelikde kömek bermelidirler. Bu mesele döwlet möçberinde tutuş jemgyýetiň çözmeli meselesidir.

Adamyň bilim almaga bolan hukugy raýatlaryň iň wajyp konstitusion hukuklarynyň biridir. Adamyň borjy bilmekdir. Adamyň artykmaçlygy bilmekdir. Bilmek dünýä akyl ýetirmekdir, dünýäde öz ornuňy tapmakdyr we şol orunda öz-özüňi ykrar etmekdir. Bilim adamzat tarapyndan döredilen hazynadyr. Bilim basgançagynda adam özünden öňküleriň toplan akyl genji-hazynasyny özleşdirýär, öz beýnisine siňdirýär, öwrenýär, özüniň zeruryny gözleýär, özüne geregini alýar, gerekmejigini bir gapdalda goýýar. Bilim jemgyýetiň ruhy, sosial, ykdysady we medeni taýdan öňe gitmeginiň esasy bolup, ol döwleti ösdürmegiň ileri tutulýan ugrudyr.

Bilimiň maksady milli we umumyadamzat gymmatlyklary esasynda şahsyýeti hemmetaraplaýyn ösdürmekdir. Türkmenistanda bilim ynsanperwerlige, demokratiýa, milli aň-düşünjelilige hem-de adamlaryň we halklaryň biri-birine hormat goýmagyna esaslanýar.

Soňky ýüzýyllyklarda ruhy sussupesligiň, dagynyklygyň ejir-hasratyny öz egninde we kalbynda syzan türkmeniň milli Garaşsyzlyk bilen gaýatadan dikeldilen ýokary ahlaklygy we kämil ruhy sypatlary belent howalalyga eýe bolýar. Milli ruhy-ahlaklylyk jemgyýetiň hereketlenişiniň ähli ugurlarynda zähmet adamsynyň ýaşaýşynyň ugrukdyryjy, many dörediji güýjüne öwrüldi. Şeýle güýjüň her bir raýatyň iş-gatnaşygynyň süňňüne mahsus reallyk bolup durýanlygyny nazarda tutup, milletimiziň ykrar edilen Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow döwletiň, jemgyýetiň, ýokarda görkezilşi ýaly, üçinji müňýyllykda hereketlenişiniň we ösüşiniň düýpgöter täze konseptual binýadyny esaslandyrdy.

Ýokarda bellenilşi ýaly, jemgyýet aýry-aýry adamlaryň ýa-da sosial toparlaryň ýönekeý toplumy däldir. Oňa düzüji hökmünde goşulýan aýratyn birligiň (isle aýratyn şahsyýet, isle aýratyn sosial topar) bu ýagdaýy aňlap ýa-da aňlamazlygyna garamazdan jemgyýetiň bitewi durkunyň öz hususy herketleniş ýörelgesi, bu ýörelgäni aýratyn raýata, şahsyýete ýetiriji täsiri, usuly bardyr. Hormatly Prezidentimiz adamzat jemgyýetiniň köpgranly, köpöwüşginli dürli-dürliligini ykrar etmek, goldamak hakykaty bilen bir hatarda häzirki zaman siwilizasisynyň ýaşamagyny, rowaçlanmagyny adamzat ähliniň Ýer togalagyny bir bitewi öý hökmünde kabul edip, bu öýüň abadançylygy barada diňe deň derejedäki yhlaslylykda aladalanmak arkaly gazanyp boljakdygy pähimini esaslandyrdy. Milletiň Lideriniň belleýşi ýaly: “Umumydünýä durmuşynyň häzirki ýagdaýy, syýasy, ykdysady, sosial prosesleriň häsiýeti we tendensiýalary bu gün umumy baş maksada, global möçberde parahatçylygy we howupsuzlygy, durnukly ösüşi we progresi üpjün etmek, häzirki zaman dünýäsiniň düzgünleriniň binýadynda goýlan hukuk we ahlak esaslaryny saklap galmak maksadyna ýetmegiň hatyrasyna döwletleriň

hem-de iri halkara guramalaryň has ysnyşykly we sazlaşykly gatnaşyklaryny talap edýär”.

Jemgyýetiň her bir subýektiniň nesil, ýaş derjesiniň onuň sazlaşykly hereketlenişinde öz orny, öz goşandy bardyr. Ýaşuly nesil bu sazlaşyklyga özüniň gymmatly tejribesi arkaly gatnaşýan bolsa, ösüp gelýän nesil oňa öz güýç-hyjuwynyň howalasy bilen bar bolan tejribäni herekete getirmek, baýlaşdyrmak arkaly goşulýar. Şol bir wagtyň özünde adamzadyň adatça geçmişe ugrugyp däl-de, geljege nazarlanyp ýaşaýandygy üçin jemgyýetiň ösüp gelýän nesle, ýaşlara aladasy aýratyn ähmiýete eýedir. Jemgyýetde bilimli, sowatly, ýaşaýyşda öz ornunyny aňlamaga we bu orundan ösüşe hususy goşandy dogrusynda aladalanýan ýaş nesli kemala getirmek meselesiniň derwaýyslygy taryhyň tutuş kesiminden eriş-argaç bolup geçýär. Bu babatda beýik Galkynyşyň we özgermeleriň nazaryýetini we amaly ornaşmasyny esaslandyran Hormatly Prezidentimiziň bu tutumy ozaly bilen hut bilim we ylym ulgamlaryndaky reformalardan başlamagynyň alamat häsiýeti bardyr.

**2. Täze taryhy döwürde ýurtda ylym-bilim ulgamyndaky düýpli özgerişler. Ýurduň ylmy edaralary. Ylym-bilim-önümçilik. Tehnologiki merkez.**

Milli Liderimiziň örän oýlanyşykly, öňdengörüjilikli, ylmy pikirlere daýanýan ynsanperwer döwlet syýasaty netijesinde ylmy ösdürmek, ylmyň gazananlaryny ykdysadyýetimiziň pudaklarynda netijeli ulanmak ileri tutulýan ugurlaryň birine öwrüldi.

Ýurdumyzyň garaşsyz ösüşiniň soňky ýyllarynda ylym ulgamyny döwrüň talaplaryna laýyklykda kämilleşdirmek, onuň binýatlyk esaslaryny has-da pugtalandyrmak maksady bilen, düýpli özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirildi. Ýurdumyzyň innowasion kuwwatyny artdyrmak, ylmyň, bilimiň, önümçiligiň hem-de telekeçilgiň bitewiligini emele getirmek maksady bilen, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda innowasiýa tehnologiýalaryny önüçilige ornaşdyrmakda uly üstünlikler gazanyldy. “Döwlet ylmy-tehniki syýasasty hakynda”, “Oýlap tapyşlar we senagat nusgalary hakynda”, “Ylmy intellektual eýeçilik hakynda”, “Innowasiýa işi hakynda”, “Ylmy-tehnologiýa parklary hakynda”, “Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýlary hakynda” Türkmenistanyň kanunlarynyň we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň kabul edilmegi bilen ylym ulgamynyň hukuk binýady düýpli özgerdi hem-de dünýä ölçeglerine laýyklykda kämilleşdirildi.

“Türkmenistanda innowasiýa işiniösdürmegiň 2015-2020-nji ýyllar üçin maksatnamasy”, “Türkmenistanda ylmy işgärleri taýýarlamagyň maksatnamasy”, “Türkmenistanda tebigy we takyk ylymlary ösdürmegiň we wagyz etmegiň 2016-2021-nji ýyllar Döwlet maksatnamasy”, “Türkmenistanda ylmy barlaglaryň we innowasiýa tehnologiýalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmagyň 2017-2021-nji ýyllar üçin maksatnamasy”, “Türkmenistanda durmuş-ynsanperwer ylymlaryny ösdürmegiň Döwlet maksatnamsy”, “Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşen Türkmenistanyň çägindäki taryhy-medeni ýadygärliklerde 2018-2021-nji ýyllarda gazuw-

agtaryş işlerini geçirmegiň we medeni mirasy ylmy esasda öwrenmegiň hem-de wagyz etmegiň Döwlet maksatnamasy” kabul edildi.

Jemgyýetiň geljegi bolan ýaş nesle döwrebap bilim-terbiýe bermekligi döwrümizde ileri tutulýan meseleleriň ornunda goýmak bilen, Hormatly Prezidentimiz 2007-nji ýylyň fewral aýynyň 15-ine „Türkmenistanyň bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda“ we şol ýylyň mart aýynyň 4-nde „Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda“ kararlara gol çekmegi, bilim ulgamynda alnyp barylýan işleri mazmun we gurluş jähtden düýpgöter täzeçe guramakda öwrülişikli pursat boldy. Ilki bilen 2007-2008-nji okuw ýylyndan okuwyň möhleti orta mekdeplerde 10 ýyl, ýokary okuw mekdeplerinde 5 ýyl, lukmançylygyň we sungatyň aýratyn hünär ugurlary boýunça 6 ýyl edildi. Orta we ýokary mekdep mugallymlarynyň hepdelik, ýyllyk iş  sagatlary azaldyldy. Ýurt Ýolbaşçysynyň ýörite Permany esasynda 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 1-den bilim işgärleriniň iş haky we talyp haky 40 göterim köpeldildi. Orta mekdeplerde synpdaky okuwçy sany 25 getirilip, medeni zolakdan uzakda ýaşaýan çagalaryň orta bilim almagy welaýatlarda mekdep-internatalry açyldy. Hormatly Prezidentimiziň milli bilim ulgamyny kämiilleşdirmek ugrundaky amala aşyrýan özgertmeleri globalaşmagyň güýjeýän döwründe ýurduň bäsleşige ukyplylygynyň ýokarlanmagynyň kesgitleýji şertleriniň biri bolup durýar. Mili bilimiň hilini ýokarlandyrmak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. 2007-nji ýyldan başlap bilim edaralaryny maliýeleşdirmäge býudjet serişdeleriniň möçberiniň durnukly artmagy, esasan zähmet haklarynyň we talyp haklarynyň ýokarlandyrylmagy, umumy bilim berýän mekdepleriň sanynyň köpelmegi, zähmet bazarynyň häzirki we geljekki isleglerine has takyk uýgunlaşmak maksady bilen ýöriteleşdirilen bilim hem-de ýokary okuw mekdepleriniň täzeleriniň açylmagy bilen baglydyr.

Bilim pudagy boýunça orta we ýokary orta mekdepleriniň täze binalary gurulýar. 2010-njy ýylda, mysal üçin, Aşgabat şäherinde Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň, Türkmen politehniki institutynyň, şeýle hem döwrebap mekdepleriň, çagalar baglarynyň, sagaldyş merkezleriniň birnäçesiniň gurluşygy alnyp barylýanlygy hem-de Mary welaýatynda Türkmenistanyň döwlet energetika institutynyň we Daşoguz welaýatynda Oba hojalyk institutynyň, Oguzhan adyndaky Inžener tehnologiýalar uniwersiteti, Türkmen Döwlet jemagat institutynyň binalarynyň gurulyp işe girizilmegi oňa şaýatlyk edýär.

Ýokary we orta mekdepler üçin dünýä ülňülerine laýyk gelýän häzirkizaman binalary gurlup, iň kämil kompýuter we okuw-tehniki enjamlary bilen upjün edilýär. Hormatly Prezidentimiň mundan beýläk ahli gurulýan orta we ýokary mekdepleriň diňe häzirki zaman okadylyş serişdeleri bilen üpjünçiligi miýesser bolan ýagdaýynda ulanylyşa berilmeligini aýgytly talap hökmünde goýdy.

Häzirki döwürde milli bilim ulgamynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Bu özgertmeler, bir tarapdan, täze okuw dersleri girizmek,

mugallymlaryň döredijilikli işlemekleri üçin şertleri döretmek, ösen tehnologiýa esasynda hil taýdan täze usullary özleşdirip ornaşdyrmak bolýan bolsa, ikinji tarapdan, öňden dowam edip gelýän okatmagyň adaty usullaryny döredijilikli we ýerlikli ulanmaklyk bilen utgaşdyrylýar. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde okuw-terbiýeçilik işiň netijeliligi ýokarlanýar.

2009-njy ýylyň awgust aýynda kabul edilen „Bilim hakyndaky“ Türkmenistanyň Kanuny esasynda bilim ulgamyny reformirlemegiň çäginde orta mekdebiň ähli dersleri boýunça döwlet umumybilim standartlary esaslandyrylýar. Olar orta mekdebi tamamlaýan her bir uçurymyň ders boýunça özleşdirmeli bilimleriniň, başarnyk endikleriniň hökmany minimumyny özünde jemleýär. Bu iş dünýä tejribesi we talaplary nazarda tutulyp amala aşyrylýar. Şu günki günde bilim berşiň täze mazmuny okadylyşyň inteaktiw usullaryny we multimediýä tehnologiýasyny giň we işjeň ornaşdyrmak arkaly üpjün edilýär.

Ýaşlara onlarça daşary ýurt döwletleriniň abraýly ýokary okuw mekdeplerinde bilim almaga giň mümkinçilik açyldy. Bu ugurdaky halkara aragatnaşygy şu häzirki döwürde ýurduň bilim ulgamynyň we Ylymlar akademiýasynyň ylmy-barlag institutlarynyň işiniň aýrylmaz bölegidir. Arkalaşygyň möhüm düzüjisi bilelikdäki taslamalar bolup, olar täze okuw meýilnamalaryny we maksatnamalaryny döretmäge, dünýä tejribesini öwrenmek we ony bilim we ylmy-barlag prosesine ornaşdyrmaga, maglumat, mugallymdyr ylmy işgärleri alyşmaga gönükdirilendir.

Bilim ulgamyndaky halkara arkalaşygyň möhüm düzüm bölegi informasion-kommunikasiýa infrastrukrurasyny we ýokary tehnologiýa ulgamyny döretmekdir. Meselem, 2003-nji ýyldan bäri hereket edýän NATO-nyň ylmy komitetiniň „Wirtual Ýüpek ýoly“ Taslamasy Türkmenistanyň bilim we ylym ulgamynda informasion kommunikasiýa tehnologiýasynyň ösüşiniň derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam etdi. Bularyň ählisi bilim berşiň we ylmyň milli ulgamyny dünýä standartlarynyň derejesine çykarmaga hem-de Türkmenistanyň ýaş neslini dünýäniň bilim giňişligine birleşmegine ýardam edýär.

Eýsem Hormatly Prezidentimiziň iş tutumlarynyň ylym – bilim ulgamyndaky esaslandyrmalaryna degişlilikde pelsepe-psihologik düzüjileriniň mazmun-gurluş aýratynlygy nämeden ybarat? Bu esaslandyrmalaryň sosial-psihologik, sosial-pelsepe döredijisi hökmünde ilkinji nobatda milli Liderimiziň “Döwlet adam üçindir” syýasatynyň her bir raýatda yurt, halk, Hormatly Prezidentimiziň öňünde öz üstüňe ahlak borç almak duýgusyny döretmeklik hakykaty görkezilmelidir. Şeýle jogapkärli nesli ýetişdirmek bilim ulgamynyň öňünde duran wezipe bolýar.

Bilim beriş ulgamyndaky özgertmeleriň Hormatly Prezidentimiziň zehininde esaslandyrylan konseptual ýörelgesiniň özeni düzgüni bu ugurdaky esalandyrmalaryň bu ulgama ozal ornaşdyrylan we onuň endik boýunça özakymlaýyn hereketlenýän durkuna laýyklanyp däl-de, geljekde dünýä ülňülerine laýyklanylyp bilinjek derejesine, mazmunyna we gurluşyna çelgilenip amal edilýänligidir. Ýurt ýolbaşçysynyň täze gurulýan ýokary we

orta mekdeplerde häzirki zaman standartlaryndaky enjamlaşdyrylmasy bolmasa olaryň ulanylyşa girizilmeli däldigi dorusyndaky aýgytly talaby bu esaslandyrmanyň durmuş ornaşma mynasybetidir.

Häzirki zaman şertlerinde jemgyýetiň mekdebe talaplary barha artýar. Bu jemgyýetde çagalaryň durmuşa taýýarlanyşyna bolan talaplaryň üznüksiz ýokarlanýanlygy bilen baglanyşyklydyr. Mekdebe bagtyýarlyk döwründe hertaraplaýyn ösen şahsyýetini kemala getirmekde, okaýan nesilde sagdyn durmuş keşbini, ýokary ahlaklylygy we akyl medeniýetini döretmekde aýgytlaýjy orun degişlidir. Döwlet maksatnamalarynyň esasynda okuw-terbiýeçilik prosesini has ulgamlaýyn guramak mümkinçiligi mekdebi bilim-sowat almagyň beýleki gurmaçylyk ugur we usullaryndan döwrüň esasy sosial institutyna öwürýär. Çagalykdan çykyp, kämillige ymtylyp, ulularyň dünýäsine aralaşyp, oňa uýgunlaşyp, ony özgertmeklige taýýarlanylýan nesliň ruhy-paýhas dünýäsinde düýpli hil özgermeleri bolup geçýär. Ýetginjekde uly adamyň orny-pozisiýasy kemala gelip ugraýar. Ol entek real durmuş orny boýunça çaga deejesinde galýan hem bolsa, esasy zat, ol öz içki subýektiw dünýäsinde ulular dünýäsi bilen täze gatnaşyklara goşulyp, ol dünýäniň gymmatlyklaryny işjeň özleşdirip başlaýar.

Bilimleri özleşdirmeklik haçanda okuwçy, talyp tarapyndan häzirki döwür we geljege taýýarlyk üçin şahsy ähmiýetli hadysa görnüşinde kabul edilende hem-de dürli sapaklar akyl ýetiriş we döredijilik häsiýetli ýumuşlar bilen baýlaşdyrylanda ol okaýan şahsyýetiň ösmeginiň kesgitleýji şertine öwrülýär we bilimi özbaşdak özleşdirmeklige, öz-özüňi kämilleşdirmeklige ugrukdyrýar. Mekdepde ylmy düşünjeleri özleşdirmek okuwçylarda nazary pikirlenmäni kemala getirmeklige degişli obýektiw şertleri döredýär. Pikirlenmäniň bu derejesine okuwçynyň öz pikirlenme işini aňlamaklygy we işjeň dolandyrmaklygy mahsusdyr. Tebigat we matematiki çygryň (sikliň) dersleriniň jemleýji we logiki guramaçylykly häsiýeti özüniň özleşdirilişinde okuwçynyň ýokary derejedäki işjeňligini talap edýär. Okuwçylar ynzanperwer dersleriň materiallarynda hem ylmy düşünjeleri, hadysalaryň klassifkasiýasyny özleşdirýärler, sebäp-netije baglanyşyklary ýüze çykarmagy, gysga we ýaýraň häsiýetnamalary bermekligi, netije çykarmaklygy öwrenýärler.

Türkmenistanyň ýaşlarynyň bilim almaga hukugy Konstitusiýanyň 55-nji maddasynda şeýle bellenilýär: „Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adamyň döwlet mekdeplerinde tölegsiz bilim almaga haky bardyr.

Döwlet her bir adamyň öz ukybyna görä hünär bilimini, ýörite orta we ýokary bilim almagynyň elýeterli bolmagyny üpjün edýär. Guramalaryň we raýatlaryň kanunda bellenen esaslara hem tertibe laýyklykda tölegli mekdepleri döretmäge haky bardyr”.

Hiç kimiň adamy bilim almak hukugyndan mahrum etmäge haky ýokdur. Bilim almakda jyns, millet, dil, gelip çykyşyň, ýaşaýan ýeriň, dine ynanyşyň, ýaşyň, saglyk ýagdaýyň, sosial we emläk aýratynlygynyň tapawudy ýokdur. Döwlet bilim almaga maddy kömege mätäçlere uly goldaw

berýändir (talyp haky, umumy ýaşaýyş jaý, maddy kömek we başgalar). Elbetde, ýaşlaryň bilim almak hukugy döwlet tarapyndan kepillendirilýär, gurnalýar we goldanylýar. Ýöne onuň bilim almagy we adam bolmagy köp babatda özüne, yhlasyna, zähmetine baglydygyny ýatdan çykarmaly däldiris.

1993-nji ýylyň oktýabr aýynyň 1-ine kabul edilen „Türkmenistanda bilim hakynda" atly Kanun esasynda okaýanlaryň aşakdaky hukuklary bardyr:

- bilim berýän edaralaryň tipini, okuwyň hünär ugruny (profilini) we görnüşini saýlap almaga;
- naharlanmakda, medisina hyzmatynda we döwlet transportynda gatnamakda ýeňillikler almaga;
- okuw kitaplaryndan we okuw gollanmalaryndan, okuw üçin zerur bolan beýleki edebiýatlardan mugt peýdalanmaga;
- okuw döwründe okuw jaýynyň okuw-önümçilik, ylmy we medeni-sport desgalaryndan mugt peýdalanmaga;
- okuw döwründe howpsuzlyk şertleriniň döredilmegine we saglygynyň goralyp saklanmagyna;
- okuwda, ylmy-önümçilik, döredijilik işinde gazanan üstünlikleri üçin höweslendirmäge we pul sylagy bilen sylaglanmaga, bilimini dowam etdirmäge;
- döwlet tarapyndan stipendiýalar, hemaýat pullary bilen üpjün edilmegine.

Elbetde, demokratik döwletde hukuk we borçlar özara aýrylmaz bütewülikdir. Türkmenistanda okaýan ýaşlaryň kanun esasyndaky borçlary bilen hem tanşalyň.

Okaýanlar bellenen talaplara laýyklykda bilimleri we praktiki endikleri ele almaga, okuw-terbiýeçilik jaýlarynyň pedagogik we beýleki işgärleriniň at-abraýyna we mertebesine sarpa goýmaga, içerki düzgün-tertip kadalaryny hem-de Türkmenistanyň kanunlarynda hem-de okuw jaýynyň düzgünnamasynda göz öňünde tutulan beýleki talaplarybýerine ýetirmäge borçludyrlar. Türkmenistanyň ýaşlarynyň kanun esasynda iş ýeri bilen üpjün edilmeklige doly hukuklary bardyr.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 49-njy maddasynda bellenilişi ýaly, „Ähli raýatlaryň zähmet çekmäge, öz islegine görä hünär, kär we iş ýerini saýlap almaga, özleri üçin sagdyn hem howpsuz zähmet şertleriniň döredilmegini gazanmaga haky bardyr".

Türkmenistanyň 2005-nji ýylyň fewral aýynda kabul edilen „Ýaşlaryň zähmet çekmäge bolan hukugynyň kepillendirmesi" atly Kanunda bellenilişi ýaly, ýurdumyzda ýaşlaryň (ilkinji nobatda, çagalaryň we ýetginjekleriň) zähmei we zähmet şertleri berk goralýandyr.

Şol Kanun esasynda Türkmenistanda çagalaryň on alty ýaşa ýetmedikleri bilen zähmet şertnamasyny baglaşmaga ýol berilmeýär, olaryň on bäş ýaşa ýetenleri bolsa diňe ata-enesiniň biriniň ýazmaça razylygy bolan ýagdaýynda hem-de onuň mekdepde okamagyna päsgel bermeýän halatynda işe kabul edilýär. Iş berijileriň kämillik ýaşyna ýetmedik işgärleriň zähmetini agyr işlerde we zähmet şertleri zyýanly ýa-da howply, şonuň ýaly-da ýerasty

işlerinde ulanmaklary gadagandyr. Aýratyn bellemeli zat, ol hem çagalaryň işleri olaryň mekdepde okamaklaryna päsgel bermeli däldir.

Mähriban Arkadagymyz parasatly ýolbaşçylygynda ylym-bilim ulgamy çalt depginler bilen özgerdilýär, binýady berkidilýär. 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda hormatlt Arkadagymyzyň Karary bilen "Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy" we ony durmuşa geçirmegiň Meýilnamasy tassyklanyldy. Bu Konsepsiýa Türkmenistanyň bilim ulgamynyň täze bir sepgitde aýak basandygyny äňladýar.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek, bilimiň ähli basgamçaklarynda elektron mahlumat goruny döretmek we olary iş ýüzünde netijeli peýdalanmak biýunça degerkli işler alnyp barylýar. Alym Arkadagymyz döwrüň ösen tehnologiýalaryndan baş çikarýan we olary öz işlerinde ulanyp bilýän hünärmenleriň daşary ýurt dillerini suwara bilmeginiň zerurlygyny nygtaýar. Türkmenistanyň bilim edaralarynda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmek maksady bilen hormatly Prezidentimiziň 2017-nji ýylyň 22-nji dekabryndaky çykaran Karary bilen "Türkmenistanda daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýasy" tassyklanyldy. Bu Konsepsiýa daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň, bu ugurda hyzmatdaşlygy guramagyň, mugallymlary taýýarlamagyň esaslaryny görkezýär.

Alym Arkadagymyzyň ylym-bilim ulgamynda uzaklary nazarlaýan, türkmen halkynyň ýagty geljegini nurlandyrýan bu ajaýyp maksatnamaklary amala aşyrmakda türkmenistanyň bilim ulgamy degişli işler alnyp barylýar. Sanly bilim ulgamyny ösdürmek, daşary ýurt dillerini öwretmegi kämilleşdirmek boýunça ýokary okuw mekdeplerde okuw-usuly merkez döredildi. Bu döredilen okuw-usuly merkez häüirki zaman tehnologiýalary bilen üpjün edilen.

Türkmenistanyň ýaşlarynyň jemgyýetçilik hukuklary we borçlary öz gözbaşyny Konstitusiýadan alýandyr. 1993-nji ýylda „Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda" Türkmenistanyň Kanuny kabul edilýär. Bu kanun Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi, ýaş raýatlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny hem-de borçlaryny kesgitleýär we has aýdyňlaşdyrýar. Kanunda bellenilişine görä, 18 ýaşyna (kämillik ýaşyna) ýetmedik adamlar döwletiň aýratyn goragyndan peýdalanýarlar.

Türkmenistanda ýaşlaryň okamagy, terbiýe almagy, ruhy taýdan ösmegi, kesp-kär boýunça taýýarlyk babatynda sosial taýdan hyzmatlary almagy kepillendirilýär. Olara döwlet tarapyndan berilýän bilim hyzmatlarynyň ähli görnüşleriniň we tipleriniň umumy elýeterli we mugt bolmagy üpjün edilýär. Ýaşlaryň okuw jaýyny, okuwyň okadylýan dilini, okuwyň ugruny we görnüşini saýlap almaga hukugy bardyr.

Jemgyýetçilik-peýdaly zähmet bilen meşgul bolmaýan ýaş raýatlar, umumy bilim berýän mekdebi tamamlanlar, hakyky harby gullugy geçip gutarandan soňra apasa goýberilenler, edil şonuň ýaly-da öň zähmet

gatnaşyklarynda bolmadyklar Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda iş bilen üpjün ediş gullugynyň üsti bilen işe ýerleşmäge ýardam edilmegine bolan hukuga eýedir.

Ýaşlaryň milletine, gelip çykyşyna, jynsyna, dini ygtykatyna, emläk we wezipe ýagdaýyna garamazdan, sosial hyzmatlaryň döwlet tarapyndan kepillendirilen zerur minimumyny almaga hukugy bardyr.

Ýaşlara we ýaş maşgalalara hususy ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin ýer bölüp bermekde ýeňillikler, ýaşaýyş öýlerini we kwartiralary satyn almak üçin, ýaşaýyş jaý gurluşygy kooperatiwlerine girmek üçin paý tölegini tölemäge, öý hojalygyny edinmäge, uzak ulanar ýaly gerekli öý goşlaryny edinmäge, kommersiýa esasynda we beýleki maksatlar üçin hereket edýän okuw jaýlaryndaky okuwlar üçin tölegleri tölemäge uzak möhletli karz puly berilýär.

Türkmenistanda ýaşlaryň telekeçilik işi bilen meşgul bolmaga, bu babatda döwletden ykdysady goldaw almaga hukuklary bardyr.

Türkmenistanda ýaşlaryň umumy we orta sany, işeňňirligi Türkmenistanyň Demokratik Partiýasynyň, Kärdeşler arkalaşygynyň, Zenanlar birleşiginiň we onlarça beýleki jemgyýetçilik guramalarynyň düzüminde ýylsaýyn artýar.

Türkmenistanyň ýaşlaryny birleşdirýän esasy jemgyýetçilik guramasy Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasydyr. Ony döretmek baradaky karar Türkmenistanyň ýaşlarynyň 1991-nji ýylyň noýabr aýynda geçirilen umumymilli maslahatynda kabul edildi.

Ýaşlar guramasynyň merkezi geňeşi ýaşlaryň arasynda wagyz-nesihat işlerini, dürli medeni, sport çärelerini we beýleki täsirli işleri geçirýär. Ýaşlary kompýuter we dil sowatlylygynyň esaslaryny öwrenmäge çekmek, olaryň bilim alyş we akyl ýetiriş mümkinçiliklerini, dünýägaraýşyny ösdürmek, zehinli ýaşlary, çagalary döredijilige, zähmete, bilime, ylma, aýdym-saza, milli sungata höweslendirmek hem-de olaryň ukybyna, başarnygyna mynasyp baha bermek maksady bilen Türkmenistanyň ýaşlarynyň arasynda ylmy işleriň bäsleşigini, „Iň gowy ýaş mugallym", „Talyplaryň iň gowy umumy ýaşaýyş jaýy", „Düzme ýazmak we goşgy goşmak", „Talyp joşguny", „Iň eýjejik gyzjagaz", „Merdana nesil", „Geliň, gülüşeliň" ýaly bäsleşikleri, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasy ýaşlar hem-de Gulbaba adyndaky çagalar baýragyny almak ugrundaky bäsleşikleri hem yzygiderli geçirip durýar.

Nesilleriň aragatnaşygy, nesilleriň arasyndaky sazlaşyk meseleleri gadymy döwürlerden bäri adamzady gyzyklandyrýan, onuň çözgüdi gözlenilýän meseleleriň biridir. Jemgyýet üçin bu meseläniň mahsus bolmagy tebigydyr. Ol hiç haçan çürt-kesik, doly we gutarnykly çözüljek mesele hem däldir. Bu meseläniň dürli ylymlaryň, ýagny, filosofiýa, demografiýa, etnologiýa, etnografiýa, psihologiýa, pedagogika, sosiologiýa we ş.m. beýleki ylymlaryň çäginde çuňňur öwrenilýän meseleleriň birligi hem muňa şaýatlyk edýär.

Her bir adam ýaşyna görä belli bir nesle degişli bolýar. Nesiller „ýaş nesil” we „ýaşulular nesli” diýilýän toparlara bölünýär.

Her bir täze nesil özlerinden öňki nesillerden kabul edip alan bilim-terbiýesini, ruhy we maddy medeniýetini özüçe baýlaşdyrýar, ýaşaýan döwrüne laýyklaşdyrýar. Soň bolsa özüniň ýaş nesillerine miras goýup gidýär. Nesil çalşygy bize bagly bolmadyk, jemgyýetçilik ösüşiň obýektiw kanunalaýyklygydyr. Nesiller aragatnaşygy tutuş adamzadyň geçmişini, şu gününini we geljegini bir zynjyra düzýär.

Elbetde, dürli nesilleriň özara gatnaşygynda belli bir düşünişmezlikleriň bolup biljekligi we bolýanlygy tebigydyr. Sebäbi her nesliň öz döwri, şoňa laýyk jemgyýetiň, ylmyň we tehnikanyň ösüş derejesi bardyr.

Nesiller we olaryň aragatnaşygy baradaky mesele bütin adamzadyň taryhynda iň bir derwaýys meseleleriň biridir. Ol mesele türkmeniň taryhyna, şu günki türkmen jemgyýetine hem mahsusdyr. Türkmenler ata-baba nesiller gatnaşygynyň sazlaşykly bolmagy üçin köp tagallalary edip gelipdirler. Bu babatda türkmen pelsepesi „Ýaşuly nesil sylanmaly, ýaş nesil söýülmeli”, „Uly başlamaly, kiçi işlemeli”, „Ulusy bolmadygyň kiçisi bolmaz”, „Aga agalyk etmeli, ini ilçilik”, „Edebiň ýagşysy ulyny syla” we ş.m. atalar sözleriniň üsti bilen aňladylýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýiti paýhasyndan we zehininden döreýän ajaýyp eserler diňe bir biziň raýatlarymyzyň däl, eýsem, daşary ýurtly okyjylaryň hem uly söýgüsine hem-de ýokary bahasyna mynasyp bolýar. 30-njy Moskwa halkara kitap sergi ýarmarkasynyň çäklerinde GDA döwletleriniň “Kitap sungaty” halkara bäsleşiginiň netijeleri hem munuň nobatdaky subutnamasyna öwrüldi. Golaýda bu bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy. Bu bäsleşige ýurdumyzdan2016-njy ýylda çap edilen neşirleriň dördüsi hödürlenildi. Olaryň ählisi ýokary baýraklara mynasyp boldy. “Meniň ýurdum” ugry boýunça bäsleşikde milli Liderimiziň “Türkmenistan” kitaby birinji orny eýeledi. Döwlet Baştutanymyzyň “Paraharçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy” atly eseri hem ýörite diploma mynasyp boldy. Milli Lidermiziň “Gadamy batly bedew” atly kitabynyň bolsa bäsleşigiň Garn-pri baş baýragyna mynasyp bolandygyny aýratyn bellemelidiris. Bu eser dünýäniň köp ýurtlarynda kitapşynaslaryň ýokary bahasyna mynasyp boldy. 2016-njy ýylyň tomsunda bu neşir Russiýanyň çaphanaçylarynyň hem-de neşirýatçylarynyň “Gyzyl meýdan – 2017” iri forumynda Türkmenistanyň özboluşly milli medeniýetini wagyz edýändigi üçin “2016-njy ýylyň iň gowy kitaby” diýen ýörite diplomy eýeledi.

Türkmen dilçi alymlarynyň toparlaýyn zähmetiniň netijesi – “Türkmen diliniň düşündiriş sözlügi” “Okuw kitaby we bilim” ugry boýunça neşirleriň arasynda ýeňiji boldy.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Türkmenistanyň Aragatnaşyk ministrligi ýurdumyzyň taryhynda uly ähmiýetli waka bolan V Aziýa oýunlarynyň hormatyna poçta markalarynyň

iki tapgyryny çykardy. Olaryň birinde "Aşgabat 2017-niň" maksatnamasyna girizilen sportuň ähli görnüşlerini dabaralandyrýan wepsly alabaýýň keşbi, beýlekisinde bolsa olaryň piktogrammalary şekillendirildi.

### 3. Jemgyýet we medeniýet. Milli medeniýet we medeni mirasyň orny.

Ýokary ahlak sypatly, watansöýüji, ynsanperwer, bazar hojalygynyň we demokratik döwletiň talaplaryna laýyk gelýän ýaş nesilleri kemala getirmek Türkmenistanda hem döwletiň baş wezipeleriniň biri hasaplanylýar we bu babatda hökümet tarapyndan irginsiz alada edilýär.

Ýurdumyzyň jemgyýetinde ýaşlaryň tutýan orny örän ýokarydyr. Şonuň üçin hem ýaş nesliň dünýä derejesinde bilim almagyna aýratyn üns berilýär. Hormatly Prezidentimiziň çynlakaý aladasy täze okuw ýylynyň ilkinji gününde ýene bir gezek äşgär ýüze çykdy. Ýurdumyzda iň häzirki zaman çagalar baglarynyň, orta we ýokary okuw mekdepleriniň täze binalarynyň, sport desgalarynyň giň gerimde gurulmagy örän guwandyryjydyr. Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli hem täze bilim ojaklarynyň ençemesi ýaş nesle gujak açdy. Sentýabr aýynda açylyş dabaralary bolan desgalaryň hatarynda hem bilim ojaklaryna aýratyn orun degişli.

2011-2012-nji täze okuw ýylyndan ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde täze hünärleriň birnäçesi boýunça bilim berlip başlandy. Mysal üçin, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetinde maglumat ulgamlary we tehnologiýalary; Türkmen politehniki institutynda maglumat tehnologiýalaryň programma üpjünçiligi, logistika (pikirlenmek, oýlanmak, paýhaslylyk); Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň we kompýuter tehnikasynyň programma üpjünçiligi; Türkmen döwlet ulag we aragatnaşyk institutynda hasaplaýyş torlarynyň programma üpjünçiligi; S.AŞGABAT,Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy, atçylyk, oba hojalygynda maglumat ulgamlary; Türkmen oba hojalyk institutynda agrohimiýa we topragy öwreniş; Türkmen döwlet lukmançylyk uniwersitetinde hem-de Türkmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk institutynda sport žurnalistikasy, ýokary derejeler sporty, sagaldyş işi; Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynda awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň maglumat howpsuzlygynyň toplumlaýyn üpjünçiligi; Halkara türkmen-türk uniwersitetinde maglumatlary goramagyň guralyşy we tehnologiýasy; Türkmen döwlet maliýe institutynda maliýe, pul dolanyşygy we karz, salgytlar we salgyt salmak, bank işi we maliýe, ätiýaçlandyryş işi, birža işi ýaly täze hünärler boýunça talyp ýaşlar bilim alýarlar.

Ylym, bilim, ýaşlaryň döredijiligi, sport babatynda gazanylýan ösüşler we ýurdumyzyň tutuş bilim ulgamyny gurşap alan wajyp özgertmeler her bir mugallymyň, okuwçynyň, talybyň öňünde ägirt uly döredijilik mümkinçiliklerini açýar. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýaş nesil hakynda döwletimiziň edýän aladalary bu gün özüniň ajaýyp miwelerini

berýär. Talyp ýaşlarymyzdyr, mekdep okuwçylarymyz dünýäniň dürli künjeklerinde dürli ugurlar boýunça geçirilýän bilim olimpiadalarynda, sport ýaryşlarynda üstünlikli çykyş edip, altyn, kümüş we bürünç medallara, baýrakly orunlara eýe bolýarlar.

Hormatly Prezidentimiz 2011-nji ýylyň 22-nji iýulynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýaşlary ilhalar, belent ahlakly, watansöýüji, ukyply, başarnykly adamlar edip ýetişdirmek barada hemişe yzygiderli alada etmelidigini, aýratyn hem ýaşlarymyzyň oňat bilim almaklary, dürli hünärleri düýpli öwrenmekleri we ussat hünärmenler bolup ýetişmekleri üçin ähli zerur şertleri döretmelidigini, orta mekdepleriň başlangyç synplarynda ýörite zähmet dersiniň möhümdigini, bu ders bilen bagly sapaklarda gyzlara tikin tikmegi, nahar bişirmegi, haly dokamagy, oglanlara bolsa bag ekmegi, ussaçylygy we beýleki hünärleri öwretmegiň zerurdygyyny aýtdy. Munuň özi ýaşlykdan zerur bolan hünärleri ele almakda örän ähmiýetlidir.

Hormatly döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň birinji synp okuwçylaryny owadan bezelen okuw kitaplary, şeýle hem şahsy kompýuterler bilen mugt üpjün etmek baradaky çözgüdi täze başlanan okuw ýylynyň (2011ý.) ýakymly aýratynlygy bolup, ýaş nesle uly ynamy alamatlandyrdy.

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzy döwrebaplaşdyrmak we galkyndyrmak syýasaty bilim ulgamynda mynasyp orun tapýar. Şu ýyl Serhet institutynyň, Türkmen döwlet maliýe institutynyň, Aşgabat maliýe ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň, Lebap we Mary welaýatlarynda başlangyç hünär okuw mekdepleriniň döredilmegi hem-de ýokary okuw mekdepleriniň düzüminde täze hünärleriň açylmagy munuň aýdyň subutnamasydyr. Munuň özi ýaşlaryň dürli ugurlar boýunça kämil hünärmenler bolup ýetişmegine uly itergi berer.

Çagalykdan çykyp, kämillige ymtylyp, ulularyň dünýäsine aralaşyp, oňa uýgunlaşyp, ony özgertmeklige taýýarlanylýan nesil. Olaryň biri-biri bilen işewür arabaglanşygy. Durmuşa badalgAşgabat, Bilim almak. Zähmete girişmek. Maşgala gurmak. Hünär kämilligini ele alyp jemgyýetde öz ornuňy tapmak. Türkmen döwletiniň işewür nesli ýetişdirmek baradaky tagallalary Berkara döwletiň bagtyýarlyk döwründe ylymly-bilimli nesli ýetişdirmek baradaky aladalar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamrdowyň ýurduň bilim-ylym ulgamyny kämilleşdirmeklige gönükdirilen permandyr-kararlary. Bu ulgamyň hil taýdan täze derejä çykmaklyk üçin dörän esaslar. Bilim ulgamynyň ähli derejelerinde okuw işini täzeçe guramak, ony dünýä derejesine çykarmak barada amal edilen işler. Bilim reformasynyň anyk işler bilen ilerileşdirilmegi. Ýaşlaryň ýurdumyzdaky we dünýäniň ösen ýurtlaryndaky ýokary mekdeplerde bilim almaklary üçin dörän täze mümkinçilikler. Bilim ulgamynyň maddy-tehniki binýadynyň pugtalanmagy.

Ýurduň ylym ulgamynda geçirilen düýpli özgerişler. Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynyň işläp başlamagy. Ýokary mekdeplerde we ylmy edaralarda aspiranturalaryň we doktaranturalaryň açylmagy we ýaş alymlaryň

olara kabul edilmegi. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň, medeniýetiniň ösüşine itergi berjek ylmy ugurlaryň kesgitlenmegi we olaryň döwlet býudjeti tarapyndan malyýalaşdyrylmagy.

Ýaşlaryň durmuşda dogry ýoly saýlap almaklary üçin edilýän aladalar. Ýaşlaryň öz okuwlaryny ýokary we ýörüte orta, hüär berýän mekdeplerde dowam etmeklerine döredilýän mümkinçilik. Orta bilim berýän ýörüte mekdepleriň döredilmegi. Daşary ýurtlarda okaýan ýaşlaryň okuw bilen baglanyşykly çykdaýjylaryny tölemek üçin ýeňillikli karzlar bermek. Daşary ýurtlara ministrlikleriň, pudak edaralarynyň we kärhanalaryň hasabyna okuwa ibermek mümkinçilikleri. Edaralarda we kärhanalarda hünär öwredýän okuwlary açmak. Ýakyn 5-10 ýylyň dowamynda ýaşlary iş bilen yzygiderli üpjün etmegiň maksatnamasynyň işläp düzülmegi we beýleki çäreler.

Bagtyýarlyk döwrüniň intellektual potensialy . Intellektual baýlyk. Akyl-paýhas. Durmuş tejribesi esasynda toplanan intellektual baýlyk. Adamzadyň akyl-paýhasynyň goýalýan we oýlanşykly öz durmuşyny guraýan eýýamy. Intelektual baýlygyň toplanýan döwri. Ylym we bilim ulgamynyň döremegi. Adamlaryň durmuş, şol sanda önümçilik tejribesi esasynda akyl-paýhasynyň toplanmagy. Täze döwürde ylmy özüne siňdiren tehnologiýa esasynda toplanan intellektual baýlyk. XX asyrda Türkmenistanda bilim ulgamynyň ählumumy häsiýete eýe bolmagy. Garaşsyzlyk ýyllarynda bu ulgamyň milli ruha ýugrulmagy.

Häzirki türkmen jemgyýetiniň intelektual baýlygy. Jemgyýetiň intelektual güýçleriniň düzümi. Ýokary aň-düşünjeli, medeniýetli, ylmyň, bilmiň we medeniýetiň dürli ugurlarynda işleýän hünärmenler, ylym hem döredijilik intelligensiýasy. Dolandyryjy häkimiýeti emele getirýän syýasatçylar, syýasy häkimiýetiň amala aşyrylmagyna gatnaşýan döwlet işgärleri, ekspertler. Ýurduň ylmy-tehniki hem-de ykdysady ösüşini kesgitleýän alymlar, ýokary derejeli hünärmenler. Mugallymlar, edebiýat we sungat işgärleri. Inžener-tehniki işgärler, menejerler, brokerler we başgalar.

Türkmenistanda intellektual elitany kemala getirmek ugrunda edilýän aladalar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow jemgyýetiň kuwwatly sosial gatlagyny – intellektual elitasyny döretmek hakyndAşgabat, Ýaşlaryň biliminiň we hünär taýýarlygynyň Ýewropa standartlaryna gabat gelýän derejä ýetirmek ugrunda edilýän tagallalar. Ylym-bilim pudagynda başlanan mähüm özgertmeler. Fundamental hem-de amaly ylymlary ösdürmekde amal edilýän işler. Türkmenistanyň ýokary okuw mekdeplerine alynýan talyplaryň sanyny artdyrmak, türkmen ýaşlaryny ösen ýurtlaryň belli ýokary okuw mekdeplerine ylym hem-de hünär öwrenmäge ibermek we başgalar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe edebiýatyň, sungatyň, metbugatyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň milletiň ruhy galkynyşyny üpjin etmeklikdäki orny we ähmiýeti. Türkmenistanda diniň jemgyýetdäki orny.

### 4. Maglymat jemgyýeti. Türkmenistanyň maglumat howpsuzlygy.

Beýik özgertmeler eýýamynda ylym ulgamynyň galkynyşynyň taryhy seneleri Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň 2007-nji 12-nji iýunynda, 2008-nji ýylyň 12-nji iýunynda, 2009-njy ýylyň 12-nji iýunynda bolup geçen göçme mejlislerinde bilim we ylym ugurlarynda düýpli özgerişleri döretmek maksady bilen „Türkmenistanda ylym ulgamyny kämilleşdirmek hakyndaky“, „Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň işi hakyndaky“ we „Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasyny döretmek hakyndaky“ gol çeken Karardyr Permanlary bilen bagalanyşyklydyr. Milli Liderimiz ylmyň jemgyýetiň esasy öndüriji güýjüdigini nazarda tutup : „Häzirki zaman şertlerinde islendik döwletiň kuwwaty we gülläp ösmegi, ilkinji nobatda, ylmyň we tehnologiýanyň ösüşi, milletiň intellektual derejesi bilen kesgitlenýr. Ylym ähli ösüşiň özenidir, hamyrmaýasydyr. Ylymsyz ýurduň durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini gazanmak asla mümkin däldir“ 1 diýip nygtaýar.

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasy Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň gös-göni tabynlygyndaky ýurdumyzyň iň ýokary ylmy edarasy bolup, tebigy we jemgyýetçilik ylymlary boýunça düýpli ylmy taýýarlamalary we ähli ylmy edaralaryň, ýokary okuw mekdepleriniň barlaglaryny koordinirlemegi amala aşyrýar. Ylymlar akademiýasynyň düzümindäki ylmy edaralarda, ýokary okuw mekdeplerinde ylmy barlaglar ylmy işgärleriň üsti bilen amala aşyrylýar. Ylmy işgärlere: ylmy-tehniki işgärler, ordinatorlar, aspirantlar (adýunktlar), doktorantlar we alymlyk derejesi bolan beýleki adamlar degişlidir. Ýaňy-ýakynda Türkmenistanyň Mejlisiniň hünärmenleri tarapyndan „Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakynda“ Türkmenistanyň kanuny işlenip taýýarlanyldy we Mejlisiň deputatlarynyň biragyzdan makullamgy esasynda kabul edildi. Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen 2009-njy ýylyň 15-nji awgustynda ol Kanun halk köpçüligine ýetirildi.

„Ylmy işgärleriň hukuk ýagdaýy hakyndaky“ täze Kanun ylmy işgärleriň hukuklaryny, borçlaryny we jogapkärçiligini, olryň hünär taýýarlygyna baha bermegiň ölçeglerini, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň döwlet häkimýeti we dolandyryş edaralarynyň ylmy işgäriň erkin ylmy döredijiliginiň kepilliklerini hem-de durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmekdäki, ylmy işiň abraýyny ýokarlandyrmakdaky borçlaryny kesgitleýär. Bu Kanun birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar. Kanuna laýyklykda ýokary hünär taýýarlykly ylmy işgärleri taýýarlamagy üpjün etmek maksady bilen:

- Türkmenisatnyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna okaýan her bir aspiranta we doktoranta Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan bellenen tertipde her ýyl onuň iki aýlyk ýörite tölenýän

hakyň möçberinde ylmy edebiýatlary satyn almak üçin harajat puluny tölemek göz öňünde tutulýar;

- Ylymlaryň kandidaty ýa-da ylymlaryň doktory diýen alymlyk derejesini almak üçin dissertasiýa ýazyp gutarmak üçin kärhananyň (edaralaryň we guramalaryň) işgärlerine işleýän ýerlerinden Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna layklykda degişlilikde üç we alty aý dowamlylykdaky döredijilik rugsady berilýär. Ylmy ulgamynyň kanunçylygynyň kämilleşdirilmegi ylymy äleminde hereket edýän ylmy işgärleriň maddy-hal ýagdaýynyň gowulandyrmagyna itergi berer we olaryň döwlet öňünde borçlaryny artdyrar hem-de döredijilikli işlemegini üpjün eder.

Soňky ýüzýyllyklardaky döwletsizlik zerarly ruhupeslige düşmek diýäýmeseň türkmen halky taryhyň siwilizasiýa galkan ähli döwürlerinde başçykaryjylyga, ylma, bilime, döredijilikli zähmete hemişe sarpa goýup, maddy we ruhy döredilişleriň ähli görnüşine diýen ýaly öz mynasyp goşandyny goşup gelen milletdir. Merkezi Aziýada we Ýakyn Gündogarda Orta asyrlarda Marydaky, Ürgençdäki (häzirki Köneürgenç) ýaly ylymlar akademiýasy bolan ýurtlary ýeke eliň barmagynda sanaýmalydyr. Dünýä meşhur matematikleriň, astronomlaryň, lukmanlaryň, dini teswirleýjileriň hut biziň topragymyzda ýaşap geçmekleri halkymyzyň ylym-bilime teşneligi pursatlaýyn höwesiň howalasy däl-de, milletiň mentalitetiniň durnukly sypatylygyndan habar berýär.

Ýurdumyzda ylym-bilimi döwrüň talaplaryna layklykda kämilleşdirmekde halkara gatnaşyklaryna giň orun berilýär. Döwlet baştutanymyzyň tagallasy bilen Türkmenistanda halkara sergileri we maslahatlary yzygiderli geçirilýär. 2009-njy ýylyň 9-11-nji sentýabrynda ýurdumyzyň paýtagty Aşgabat şäherinde “Ylym we bilim täze Galkynyş eýýamynda“ atly halkara serginiň, “Täze Galkynyş eýýamynda ylym we bilim dünýäniň ylym-bilim ulgamynda“, şu ýylyň 1-nji dekabryndaky ÝUNESKO-nyň Türkmenistandaky işleri boýunça Milli iş topary we ÝUNESKO-nyň Tährandaky klaster edarasy tarapyndan guralan „Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalarynyň, ylmyň, meýilleşdirmegiň, bilimiň hilini ýokarlandyrmakdaky orny“ temadaky halkara ylmy maslahatlarnyň geçirilmegi muňa aýdyň mysaldyr.